Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2021-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda çykaran 357 belgili

**B U Ý R U G Y**

**«Ulag serişdeleriniň ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin niýetlenen derman gutujygynyň içindäki düzümini tassyklamak hakynda»**

2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 5-nji bendini ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Ulag serişdeleriniň ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin niýetlenen derman gutujygynyň içindäki düzümini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2019-njy ýylyň 11-nji iýunyndaky 161 belgili buýrugynyň güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary Ç.Agamyradow, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Maliýe, buhgalteriýa hasaby we hasabatlylyk bölüminiň başlygy S.Sähetmämmedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N. Amannepesow**

*Ylalaşyldy:*
*Türkmenistanyň Içeri işler ministri* *Ö.Hojanyýazow*
*«11» oktýabr 2021 ý.*

*«Türkmenawtoulaglary»*
*agentliginiň başlygy* *G.Akmämmedow*
*«11» oktýabr 2021 ý.*

*Türkmenistanyň Oba hojalyk we*
*daşky gurşawy goramak ministri* *A.Altyýew*
*«11» oktýabr 2021 ý.*

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministriniň
2021-nji ýylyň 11-nji oktýabryndaky
çykaran 357 belgili buýrugy
bilen tassyklanyldy

**Ulag serişdeleriniň ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin niýetlenen derman gutujygynyň içindäki düzümi**

| T/b | Derman serişdeleriniň we lukmançylyk maksatlaryna niýetlenen önümleriň ady | Derman serişdeleriniň we lukmançylyk maksatlaryna niýetlenen önümleriň möçberi |
|---|---|---|
| 1. | Agyry aýyryjy gerdejik | 1 |
| 2. | Walidol № 10 ýa-da waleriana gerdejigi, ergini (ýürek agyry üçin) | 1 |
| 3. | 5% - 10 ml ýod ergini ýa-da galamy | 1 |
| 4. | 1% - 5 ml göwherli ýaşyl galamy ýa-da ergini | 1 |
| 5. | Lukmançylyk pamygy 10 gr | 1 |
| 6. | Zyýansyzlandyrylan lukmançylyk hasa sargysy 5 sm x 4 m | 1 |
| 7. | Zyýansyzlandyrylan lukmançylyk hasa sargysy 8 sm x 4 m | 1 |
| 8. | Zyýansyzlandyrylan ýapgy 5 sm x 10 s 8 gat/10 sany | 1 |
| 9. | Lukmançylyk rezin daňy (žgut) | 1 |
| 10. | Leýkoplaster (bir gezeklik ulanylýan) | 10 |
| 11. | Üç gatly bir gezeklik ulanylýan örtük | 1 |
| 12. | Rezin lukmançylyk elligi | 1 jübüt |
| 13. | Gaýçy | 1 |
| 14. | Şu düzümde görkezilen derman serişdeleriniň we lukmançylyk maksatlaryna niýetlenen önümleriň ulanylyş görkezmesi | 1 |

**Bellik:** Ulag serişdeleriniň ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin niýetlenen derman gutujygynyň daşyna, bu gutujygyň adyny aňladýan ýarlyk ýelmenýär.